# Allaýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Allaýar



• ***Şu gün – 15-nji iýul belli şahyr, publisist Allaýar Çüriýewiñ doglan güni. Şahyra nusgalyk ömründe uzak ömür, jan saglyk, durmuşda, işde we döredijilik işinde uly üstünlikleri arzuw edýäris.***
**ALLAÝAR**

Dünýä inip, bir damjadyr bileniň,
Bilen barmy parhyn çynyň, ýalanyň?
Elek bolup az boldumy eläniň?
Kä gülüp, kä aglap, gezdiň, Allaýar.

Pöwhelere ýoldaş bolduň käteler,
Tanap-bilip diýdiň ahyr: “Bet olar”.
(Şeýdip ýaşap geçip giden atalar!)
Öz-özüň ýepbekläp sozduň, Allaýar.

Duşduň şerraýyna, garyşmaryna,
Tilki, şagal, möjek, gaplaň, haryna,
Ýeň bermediň bir ejizje halyňa,
Hiç kim diýebilmez: “Tozduň, Allaýar”.

Kä gorkuly, käte mert gepulediň,
Şondanmydyr, janyňa dert sepulediň.
Batsyn diýip, ýola tiken sepmediň,

Munça şata niçik dözdüň, Allaýar?

Magtanmak däl, nazar saldym geçene,
Tagzym bolsun manysyny seçene.
Gitmezden öň Barsagelmez göçüne,
Munda özüň özüň bolduň, Allaýar.

09.08.2022 ý. Goşgular